# Hindistan gelýär!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hindistan gelýär! HINDISTAN GELÝÄR!




*Hindistanyň durmuşa geçiren bimöçber ykdysady öňe gidişlikleri bilen bir hatarda «Chandrayaan-3» kosmos gämisiniň Aýa gonmagy Hindistanyň supergüýç bolmak ugrunda ynamly ädimler bilen öňe barýandygyny görkezýär*

Şu ýyl demografik derejede Hindistan 1 milliard 400 millionlyk adamy bilen birinji gezek Hytaýdan öňe geçdi.

Şol bir ýagdaýda ykdysadyýet boýunça hem Hindistan dünýäniň iň uly ykdysady güýçleriniň sanawynda bäşinji ýeri eýeleýän Angliýany yza süýşürip, onuň ýerine geçdi.

Ykdysatçylar şu onýyllygyň soňunda onuň Germaniýadan we Ýaponiýadan öňe geçjegini çak edýärler.

Ýurduň galaba bölegini garyplardyr gedaýlar düzýänem bolsa, dünýäniň iň köp milliarderine eýe üçünji ýurdy bolup öňe saýlanýar.

Hemme zatdan ötri bir zady unutmalyň, Hindistan eýýäm näçe ýyl bäri ýadro ýaragly ýurtlaryň hataryna girýär.

Geçen hepdä çenli ABŞ-dyr Hytaý bilen çäklenen kiçijik kosmos klubyna hem goşulmaga hak gazandy.
Munuñ özi hindi kosmos gämisi «Chandrayaan-3»-iñ Aýa gonmagy bilen, aýratynam günorta ýarym şaryna, ýagny has öñ başga hiç bir ýurduñ kosmos gämisiniñ gonmadyk sebitine üstünlikli gonmagy bilen amala aşdy.
Şeýlelik bilen Hindistan öñki SSSR-den, ABŞ-dan, Hytaýdan soñ Aýa kosmos gämisini gonduran dördünji ýurt boldy.
Hindistanyñ kosmos gämisi «Луна-25» rus kosmos gämisiniñ böleklenmegi netijesinde Aýyñ beýleki ýüzüne inip bilmezliginden birnäçe gün geçenden soñ bolup geçdi.
Hindistanyñ üstünligi şol bir wagtyñ özünde 2019-njy ýyldaky başky synanşygyñ şowsuzlygynyñ yzysüre geldi. Şol ýyl birinji gezek hytaý kosmos gämisi Aýyñ garañky tarapyna gonmagy başarypdy.
Bular halkara kosmos gözegçiligi bäsdeşliginde ýetilen soñky sepgidiñ başlangyjynyñ buşlukçysy saýylýar.
Hindistanyñ premýer-ministri Narendra Modi Günorta Afrikadaky BRICS duşuşyklaryna gatnaşmak üçin ýurduñ daşyna çykypdy.
Ol şol ýerden ýurdunyñ alymlarynyñ ýeten üstünligini gutlap, muña adamzadyñ gazanan üstünligi hökmünde baha berdi.
Hindistan BRICS atly täze global ykdysady blogyñ düýbüni tutujy agzasy. Blogyñ ady bäş ýurduñ iñlisçe adynyñ baş harplaryndan düzülen.
Bular nobaty bilen şeýle: Braziliýa, Russiýa, Hindistan, Hytaý, Günorta Afrika.
Hindistanyñ durmuşa geçiren bimöçber ykdysady öñe gidişlikleri bilen bir hatarda «Chandrayaan-3» kosmos gämisiniñ Aýa gonmagy Hindistanyñ supergüýç bolmak ugrunda ynamly ädimler bilen öñe barýandygyny görkezýär.




Elbetde, hindi alymlarynyñ gazanan üstünligini haýsy tarapdan alanda-da kükli adamzat üçin taryhy we ylmy üstünlik hasaplap bolar.
Bu üstünlik mediýanyñam tassyklaýşy ýaly, 75 million dollara barabardygy çaklanan ujypsyz maddy çykdajy bilen gazanyldy.
Alymlaryñ Aýyñ beýleki ýüzünde suw tapylma mümkinçiliginden söz açmaklary bu ýetilen sepgidiñ ähmiýetiniñ bimöçber uludygyny görkezýär.
Mediýada çykan habarlara görä, 1969-njy ýylda gurlan Hindistanyñ Kosmos barlaglary edarasy netijeli we pes çykdajyly kosmos maksatnamasyny durmuşa geçirip, beýleki

ýurtlaryň kosmos edaralarynyň arasynda öňe saýlandy.
Hindistan transport we meteorologiýa dünýäsinde hem tehniki mümkinçilikleriň ösdürilmegine uly goşant goşdy.
Hut şol habarlara görä, Hindistandaky hususy sektorlar kosmos dünýäsine maýa goýumlaryny goýup möhüm rol oýnaýar.
Şonuň üçinem Hindistan dürli maksatlar bilen kosmosy dolduran iň köp sanly emeli hemrasy bolan ýurtdyr.
Işiň täsin, has dogrusy, geň galdyryjy tarapy, ýakyn wagtda iňlis mediýasynda hindi hökümetiniň şindizem iňlis hökümetinden maliýe kömegini alýandygy hakdaky habarlary okanlygym!
Şol habarlar Hindistanyň soňky bäş ýylda garyp ýurtlardaky ösüş maksatnamalaryna kömek etmek üçin bölünip berlen puldan kömek hökmünde Angliýadan 2,3 milliard sterling alandygyny öňe sürýär.
Bu ynanar ýaly zat däl. Meň bilşimçe, haýyr-sahawat kömekleri ilkibaşda baý ýurtlar tarapyndan garyp ýurtlara kömek etmek etmek üçin ýola goýlupdy.
Dünýäniň iň uly bäşinji ykdysady güýjüne eýe Hindistan ýaly baý ýurda maliýe kömegini etmek hiç bir hökümetiň ýadyna düşmese gerek!
Juma BUKLEÝB.

Duşenbe, 28.08.2023 ý.

*Fotosurat: Reuters* Publisistika